# SAHYH BUHARY

## 2-NJI BÖLÜM: IMAN

# SAHYH BUHARY KITABYNYŇ IKINJI IMAN BÖLÜMI (KITABY)

Taýýarlan: Türkmen halk ogly

Birinji çap.

Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

# 2-kitap: Iman. (8-58)

## 1-bap: Nebiýiň (Sallallahu aleýhi we sellem): “Yslam bäş zadyň üstünde guruldy” sözi.

Ol (Iman) söz we amal, artýar we kemelýär. Allah Tagala aýtdy: **“Imanlarynyň üstüne iman artmagy üçin”** (Feth 4), **“Biz olaryň dogry ýoluny (imanlaryny) has-da artdyrdyk”** (Kahf 13), **“Allah dogry ýola düşenleriň (iman edenleriň) dogrulygyny (imanyny) has-da artdyrýar.”** (Meryem 76), **“Dogry ýoly girenleriň (iman edenleriň) bolsa (Allah) dogry ýoluny (imanyny) artdyrar we olara takwalyklarynyň (sylagyny) berer.”** (Muhammet 17), **“Iman edenleriň imanlaryny artdyrmak üçin”** (Muddessir 31), **“Eýsem, bu (inen zat) siziň haýsyňyzyň imanynyňyzy artdyrdy?» diýýärler. Emma bu inen (wahyý) iman edenleriň imanyny artdyrar”** (Toba 124), **““olardan gorkuň!” diýenlerinde, (bu ýagdaý olaryň) imanlaryny artdyrdy”** (Ali-Ymron 173), **“Bu (goşunlaryň gelşi) olary imandan we wepalylykdan başga (zat) artdyrmady”** (Azhab 22). (Ýenede) Allah üçin söýmek we Allah üçin ýigrenmek imandan.

Omar bin Abdulaziz (Rahymahullah) Adiý bin Adiýe hat ýazdy, (onda): **“Imanda parz edilen amallar, dini ynançlar, gadaganlyklar we mustahablar (sogaply edilenler) bardyr. Kim bulary doly tutsa imany doly bolar, kim doly tutmasa imany doly bolmaz. Egerde (uzak) ýaşasam oňa amal etmegiňiz üçin size açyklaryn we ölaýsem size ýoldaş bolmakda jan etmeýänligimdir.”**

Ybrahym (Aleýhisseläm) aýtdy (Kuranda Allah aýdanyny bize habar berdi): **“ýöne kalbymyň ynjalmagy üçin (imanymyň artmagy üçin görmek isleýärin)”**(Bakara 260)

Muaz bin Jebel (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Biz bilen otur az wagtlyk iman edeli (imanymyzy artyraly)”**

Ibn Mesgut (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Berk ynanmak barysy imandyr”**

Ibn Omar (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Gul gursagyna gelýän şeki tä taşlaýança takwalygyň hakykatyna ýetmez”**

Mujähyd (Rahymahullah) aýtdy: **“(Allahyň) “Size din edip kanunlar goýdy”(Şuro 13) diýen sözi, ýagny Eý Muhammet, sana bir dini tabşyrýarys”**

Ibn Abbas (Razyýallahu anhu) aýtdy: **“Allahyň: “bir din we bir ýol”(Mäide 48) diýen sözi, ýagny ýörelge we sünnet”**

وَهُوَ قَوْلٌ وَفِعْلٌ، وَيَزِيدُ وَيَنْقُصُ، قَالَ اللَّهُ تَعَالَى {لِيَزْدَادُوا إِيمَانًا مَعَ إِيمَانِهِمْ} [الفتح: 4] {وَزِدْنَاهُمْ هُدًى} [الكهف: 13] {وَيَزِيدُ اللَّهُ الَّذِينَ اهْتَدَوْا هُدًى} [مريم: 76] {وَالَّذِينَ اهْتَدَوْا زَادَهُمْ هُدًى وَآتَاهُمْ تَقْوَاهُمْ} [محمد: 17] وَقَوْلُهُ: {وَيَزْدَادَ الَّذِينَ آمَنُوا إِيمَانًا} [المدثر: 31] وَقَوْلُهُ: {أَيُّكُمْ زَادَتْهُ هَذِهِ إِيمَانًا فَأَمَّا الَّذِينَ آمَنُوا فَزَادَتْهُمْ إِيمَانًا} [التوبة: 124] وَقَوْلُهُ جَلَّ ذِكْرُهُ: {فَاخْشَوْهُمْ فَزَادَهُمْ إِيمَانًا} [آل عمران: 173] وَقَوْلُهُ تَعَالَى: {وَمَا زَادَهُمْ إِلَّا إِيمَانًا وَتَسْلِيمًا} [الأحزاب: 22] وَالحُبُّ فِي اللَّهِ وَالبُغْضُ فِي اللَّهِ مِنَ الإِيمَانِ " وَكَتَبَ عُمَرُ بْنُ عَبْدِ العَزِيزِ إِلَى عَدِيِّ بْنِ عَدِيٍّ: «إِنَّ لِلْإِيمَانِ فَرَائِضَ، وَشَرَائِعَ، وَحُدُودًا، وَسُنَنًا، فَمَنِ اسْتَكْمَلَهَا اسْتَكْمَلَ الإِيمَانَ، وَمَنْ لَمْ يَسْتَكْمِلْهَا لَمْ يَسْتَكْمِلِ الإِيمَانَ، فَإِنْ أَعِشْ فَسَأُبَيِّنُهَا لَكُمْ حَتَّى تَعْمَلُوا بِهَا، وَإِنْ أَمُتْ فَمَا أَنَا عَلَى صُحْبَتِكُمْ بِحَرِيصٍ» وَقَالَ إِبْرَاهِيمُ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: «وَلَكِنْ لِيَطْمَئِنَّ قَلْبِي» وَقَالَ مُعَاذُ بْنُ جَبَلٍ: «اجْلِسْ بِنَا نُؤْمِنْ سَاعَةً» وَقَالَ ابْنُ مَسْعُودٍ: «اليَقِينُ الإِيمَانُ كُلُّهُ» وَقَالَ ابْنُ عُمَرَ: «لاَ يَبْلُغُ العَبْدُ حَقِيقَةَ التَّقْوَى حَتَّى يَدَعَ مَا حَاكَ فِي الصَّدْرِ» وَقَالَ مُجَاهِدٌ: «شَرَعَ لَكُمْ مِنَ الدِّينِ أَوْصَيْنَاكَ يَا مُحَمَّدُ وَإِيَّاهُ دِينًا وَاحِدًا» وَقَالَ ابْنُ عَبَّاسٍ: «شِرْعَةً وَمِنْهَاجًا» سَبِيلًا وَسُنَّةً

## 2-bap: Doga-dilegiňiz imanyňyz. Allahyň (Azze we Jelle) şu sözi üçin: “(Eý, Muhammet! Sen) olara: «Eger siziň doga-dilegleriňiz bolmadyk bolsa, Robbuňyz size ähmiýet bermezdi”(Furkan 77). Dil taýdan doga-dileg iman manyda.

8- Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Yslam bäş zadyň üstüne guruldy: Allahdan başga ybadata hakly hiç bir ilähiň (ybadat edilýän zadyň) ýokdygyna we Muhammediň hem Onuň bendesi (guly) we ilçisidigine (Resulydygyna) şaýatlyk etmek, Namaz okamak, Zekat bermek, Haj etmek, Remezanda agyz beklemek”**

"بُنِيَ الإِسْلاَمُ عَلَى خَمْسٍ: شَهَادَةِ أَنْ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ وَأَنَّ مُحَمَّدًا رَسُولُ اللَّهِ، وَإِقَامِ الصَّلاَةِ، وَإِيتَاءِ الزَّكَاةِ، وَالحَجِّ، وَصَوْمِ رَمَضَانَ"

## 3-bap: Imanyň ýagdaýlary we Allah Tagalanyň: “Ýagşylyk (takwalyk) diňe siziň ýüzüňizi (namazda) Gündogar we Günbatar tarapa öwürmegiňiz däldir. (Hakyky) ýagşylyk (takwalyk) Allaha, ahyret gününe, perişdelere, kitaba, Nebiýlere ynanyp, (Allahyň) razyçylygy üçin ýakyn dogan-garyndaşlaryna, ýetimlere, misginlere, ýolda galanlara, dilegçilere we (gullardan we ýesirlikden) boýunlaryny (azat etmekçi bolýanlara) öz gowy görýän zadyndan berip, namazy berjaý edip, zekat berýän, ylalaşan ähti-peýmanyna wepaly, kynçylykda, hassalykda we söweş gyzyşan wagtynda sabyr edenleriňkidir. Ine, olar, dogruçyl bolanlardyr we olar takwalaryň hut özleridir.”(Bakara 177) diýen sözi we “Möminler (iman edenler) halas bolarlar”(Muminun 1) diýen sözi.

9- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Iman altmyşdan gowrak şahamçadyr we haýa-da imandan bir sahamçadyr”

«الإِيمَانُ بِضْعٌ وَسِتُّونَ شُعْبَةً، وَالحَيَاءُ شُعْبَةٌ مِنَ الإِيمَانِ»

## 4-bap: Musulman- musulmanlar onuň dilinden we elinden salamat bolany.

10- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Musulman- kimiň dilinden we elinden musulmanlar salamat bolsalar we muhajir (hijret eden) bolsa, Allahyň gadagan eden zadyny taşlandyr”**

«المُسْلِمُ مَنْ سَلِمَ المُسْلِمُونَ مِنْ لِسَانِهِ وَيَدِهِ، وَالمُهَاجِرُ مَنْ هَجَرَ مَا نَهَى اللَّهُ عَنْهُ»

## 5-bap: Haýsy yslam (eýesi) has haýyrly.

11- Ebu Musa (Razyýallahu anhu) aýtdy: **““Eý, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) haýsy yslam (eýesi) has haýyrly?” diýdiler. Aýtdy: “Kimiň dilinden we elinden musulmanlar salamat bolsalar””**

أَبُو مُوسَى رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُ، قَالَ: قَالُوا يَا رَسُولَ اللَّهِ، أَيُّ الإِسْلاَمِ أَفْضَلُ؟ قَالَ: «مَنْ سَلِمَ المُسْلِمُونَ مِنْ لِسَانِهِ، وَيَدِهِ»

## 6-bap: Nahar naharlamak yslamdan.

12- Abdullah bin Amyrdan (Razyýallahu anhumä): **“Bir kişi Nebiýden (Sallallahu aleýhi we sellem): “Haýsy yslamyň amaly has gowy?” diýip sorady. Aýtdy: “Nahar naharlamagyň, tanaýanyňa we tanamaýanyňa salam bermegiň””**

عَنْ عَبْدِ اللَّهِ بْنِ عَمْرٍو رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُمَا، أَنَّ رَجُلًا سَأَلَ النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: أَيُّ الإِسْلاَمِ خَيْرٌ؟ قَالَ: «تُطْعِمُ الطَّعَامَ، وَتَقْرَأُ السَّلاَمَ عَلَى مَنْ عَرَفْتَ وَمَنْ لَمْ تَعْرِفْ»

## 7-bap: Özüne söýenini (musulman) doganynada söýmek imandan.

13- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Biriňiziňem iman etdigi bolmaz, tä özüne söýenini (musulman) doganyna söýýänçä”**

«لاَ يُؤْمِنُ أَحَدُكُمْ، حَتَّى يُحِبَّ لِأَخِيهِ مَا يُحِبُّ لِنَفْسِهِ»

## 8-bap: Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) söýmek imandan.

14- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Janym elinde bolandan kasam içýärin, biriňizem iman etdigi bolmaz, tä oňa (ene) atasyndan we çagasyndan has söýgüli bolýançam”**

«فَوَالَّذِي نَفْسِي بِيَدِهِ، لاَ يُؤْمِنُ أَحَدُكُمْ حَتَّى أَكُونَ أَحَبَّ إِلَيْهِ مِنْ وَالِدِهِ وَوَلَدِهِ»

15- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Biriňizem iman etdigi bolmaz, tä oňa (ene) atasyndan, çagasyndan we ähli adamlardan has söýgüli bolýançam”**

«لاَ يُؤْمِنُ أَحَدُكُمْ، حَتَّى أَكُونَ أَحَبَّ إِلَيْهِ مِنْ وَالِدِهِ وَوَلَدِهِ وَالنَّاسِ أَجْمَعِينَ»

## 9-bap: Imanyň süýjüligi.

16- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kimde üç zat bolsa, imanyň süýjüligini tapar (dadar), Allah we Resuly oňa ähli zatdan söýgüli bolsa, birini söýende diňe Allah üçin söýse we küpüre dolanmagyny, Oda oklanmagyny ýigrenşi ýaly ýigrense”**

" ثَلاَثٌ مَنْ كُنَّ فِيهِ وَجَدَ حَلاَوَةَ الإِيمَانِ: أَنْ يَكُونَ اللَّهُ وَرَسُولُهُ أَحَبَّ إِلَيْهِ مِمَّا سِوَاهُمَا، وَأَنْ يُحِبَّ المَرْءَ لاَ يُحِبُّهُ إِلَّا لِلَّهِ، وَأَنْ يَكْرَهَ أَنْ يَعُودَ فِي الكُفْرِ كَمَا يَكْرَهُ أَنْ يُقْذَفَ فِي النَّارِ "

## 10-bap: Ensarylary söýmek imanyň alamaty.

17- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Imanyň alamaty ensarylary söýmek, nifagyň alamaty ensarylary ýigrenmek"**

«آيَةُ الإِيمَانِ حُبُّ الأَنْصَارِ، وَآيَةُ النِّفَاقِ بُغْضُ الأَنْصَارِ»

## 11-bap.

18- Ubadete bin Somit (Razyýallahu anhu, bu sahaba Bedire gatnaşan we Akaba gijesi Nebiý bilen duşuşanlaryň hem biri bolan) aýtdy: **"Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) daşynda sahabalardan uly topar barka: "Allaha hiç bir zady şärik etmejegiňizi, ogurluk etmejegiňizi, zyna etmejegiňizi, çagalaryňyzy öldürmejegiňizi, özüňizçe töhmet ýasap, töhmet atmajagyňyzy we ýagşy zatda boýun towlamajagyňyzy maňa kasam içip, wada (beýgat) beriň! Kim (bu kasamyna) wepaly çyksa, onuň muzdyny bermek Allaha galar. Kim bu zatlaryň birini etse we şonuň üçin bu dünýäde jeza berilse, bu onuň (şirkden galan günä) üçin keffarat bolar (ony ýuwar). Kim bu zatlaryň birini etse, soňra, Allah hem ony (adamlardan) örtse, onuň (çözgüdi) Allahadyr, islese ony bagyşlar we islese oňa azap berer" diýdi. Biz oňa bu zatlara beýgat (kasam içip, wada) berdik"**

أَنَّ عُبَادَةَ بْنَ الصَّامِتِ رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُ وَكَانَ شَهِدَ بَدْرًا وَهُوَ أَحَدُ النُّقَبَاءِ لَيْلَةَ العَقَبَةِ: أَنَّ رَسُولَ اللهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ قَالَ، وَحَوْلَهُ عِصَابَةٌ مِنْ أَصْحَابِهِ: «بَايِعُونِي عَلَى أَنْ لاَ تُشْرِكُوا بِاللَّهِ شَيْئًا، وَلاَ تَسْرِقُوا، وَلاَ تَزْنُوا، وَلاَ تَقْتُلُوا أَوْلاَدَكُمْ ، وَلاَ تَأْتُوا بِبُهْتَانٍ تَفْتَرُونَهُ بَيْنَ أَيْدِيكُمْ وَأَرْجُلِكُمْ، وَلاَ تَعْصُوا فِي مَعْرُوفٍ، فَمَنْ وَفَى مِنْكُمْ فَأَجْرُهُ عَلَى اللَّهِ، وَمَنْ أَصَابَ مِنْ ذَلِكَ شَيْئًا فَعُوقِبَ فِي الدُّنْيَا فَهُوَ كَفَّارَةٌ لَهُ، وَمَنْ أَصَابَ مِنْ ذَلِكَ شَيْئًا ثُمَّ سَتَرَهُ اللَّهُ فَهُوَ إِلَى اللَّهِ، إِنْ شَاءَ عَفَا عَنْهُ وَإِنْ شَاءَ عَاقَبَهُ» فَبَايَعْنَاهُ عَلَى ذَلِكَ

## 12-bap: Fitneden gaçmak dinden.

19- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Golaýda musulmanyň iň gowy mal-mülki dinini gormak üçin fitneden gaçyp, daglaryň başynda we jarlaryň içinde yzyna düşýän goýun sürüsi bolar"**

«يُوشِكُ أَنْ يَكُونَ خَيْرَ مَالِ المُسْلِمِ غَنَمٌ يَتْبَعُ بِهَا شَعَفَ الجِبَالِ وَمَوَاقِعَ القَطْرِ، يَفِرُّ بِدِينِهِ مِنَ الفِتَنِ»

## 13-bap: Nebiýiň: “Men, Allah barada iň gowy bilýäniňiz” diýen sözi, bilmeklik bolsa ýüregiň işi, Allah Tagalanyň sözi üçin: “ýöne welin ýürekleriňiziň edeni barada soraga çeker”

(Bakara 225)

20- Aişe aýtdy: **“Egerde Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) (sahabalara bir zat) emir etse, işlerden başarjaklaryny emir ederdi. Aýtdylar: “Eý, Allahyň Resuly! Biz sen ýaly däl. Elbetde, Allah seniň geçen we geljek günäňi bagyşlady” Gahary geldi, hatda ýüzünden gahary bildirýärdi, soňra aýtdy: “Siziň iň takwaňyz, Allah barada iň gowy bilýäniňiz men””**

عَنْ عَائِشَةَ، قَالَتْ: كَانَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ إِذَا أَمَرَهُمْ، أَمَرَهُمْ مِنَ الأَعْمَالِ بِمَا يُطِيقُونَ، قَالُوا: إِنَّا لَسْنَا كَهَيْئَتِكَ يَا رَسُولَ اللَّهِ، إِنَّ اللَّهَ قَدْ غَفَرَ لَكَ مَا تَقَدَّمَ مِنْ ذَنْبِكَ وَمَا تَأَخَّرَ، فَيَغْضَبُ حَتَّى يُعْرَفَ الغَضَبُ فِي وَجْهِهِ، ثُمَّ يَقُولُ: «إِنَّ أَتْقَاكُمْ وَأَعْلَمَكُمْ بِاللَّهِ أَنَا»

## 14- bap: Kimiň küpüre dolanmagyny, Oda oklanmagyny ýigrenişi ýaly ýigrenmegi imandan.

21- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kimde üç zat bolsa, imanyň süýjüligini tapar (dadar), Allah we Resuly oňa ähli zatdan söýgüli bolsa, birini söýende diňe Allah üçin söýse we küpüre dolanmagyny, Oda oklanmagyny ýigrenşi ýaly ýigrense”**

" ثَلاَثٌ مَنْ كُنَّ فِيهِ وَجَدَ حَلاَوَةَ الإِيمَانِ: أَنْ يَكُونَ اللَّهُ وَرَسُولُهُ أَحَبَّ إِلَيْهِ مِمَّا سِوَاهُمَا، وَأَنْ يُحِبَّ المَرْءَ لاَ يُحِبُّهُ إِلَّا لِلَّهِ، وَأَنْ يَكْرَهَ أَنْ يَعُودَ فِي الكُفْرِ كَمَا يَكْرَهُ أَنْ يُقْذَفَ فِي النَّارِ "

## 15- bap: Amallarda iman eýeleriniň tapawudy.

22- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Jennet eýeleri Jennete, Ot eýeleri Oda girer, soňra Allah Tagala aýdar: “Ýüreginde ajyhurşyň dänesiniň agramy ýaly iman bolany çykaryň” Ondan garra köýük bolan hallarynda çykarylarlar we Jan ýada Ýaşaşyş (Mälik şeklenen) derýäsyna oklanarlar we edil siliň deňesinde bitýän ot ýaly gögerip öserler, onuň sary çyrmyşyk bolup çykyşyny**

**görmediňmi” Wuheýb aýtdy: “Amyr bize aýtdy: “Ýaşaýyş” we “ajyhurşyň dänesiniň agramy ýaly haýyr bolany”**

«يَدْخُلُ أَهْلُ الجَنَّةِ الجَنَّةَ، وَأَهْلُ النَّارِ النَّارَ»، ثُمَّ يَقُولُ اللَّهُ تَعَالَى: «أَخْرِجُوا مِنَ النَّارِ مَنْ كَانَ فِي قَلْبِهِ مِثْقَالُ حَبَّةٍ مِنْ خَرْدَلٍ مِنْ إِيمَانٍ. فَيُخْرَجُونَ مِنْهَا قَدِ اسْوَدُّوا، فَيُلْقَوْنَ فِي نَهَرِ الحَيَا، أَوِ الحَيَاةِ -شَكَّ مَالِكٌ- فَيَنْبُتُونَ كَمَا تَنْبُتُ الحِبَّةُ فِي جَانِبِ السَّيْلِ، أَلَمْ تَرَ أَنَّهَا تَخْرُجُ صَفْرَاءَ مُلْتَوِيَةً» قَالَ وُهَيْبٌ: حَدَّثَنَا عَمْرٌو: الحَيَاةِ، وَقَالَ: خَرْدَلٍ مِنْ خَيْرٍ

23-Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Haçanda men ýatyrkam maňa adamlar üstleri eşikli görkezildi, onuň haýsysy döşüne ýetýäni we haýsysy onça bolmadykdy. Omar bin Hattab üsti (ýere ýetip) süýrelýän eşikli görkezildi” “Eý, Allahyň Resuly näme diýip ýorduň?” diýdiler. “Din” diýdi.”**

«بَيْنَا أَنَا نَائِمٌ، رَأَيْتُ النَّاسَ يُعْرَضُونَ عَلَيَّ وَعَلَيْهِمْ قُمُصٌ، مِنْهَا مَا يَبْلُغُ الثُّدِيَّ، وَمِنْهَا مَا دُونَ ذَلِكَ، وَعُرِضَ عَلَيَّ عُمَرُ بْنُ الخَطَّابِ وَعَلَيْهِ قَمِيصٌ يَجُرُّهُ». قَالُوا: فَمَا أَوَّلْتَ ذَلِكَ يَا رَسُولَ اللَّهِ؟ قَالَ: «الدِّينَ»

## 16- bap: Haýa imandan.

24-Omar bin Hattabdan: **“Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) Ensarylardan biriniň deňesinden geçende, ol bolsa agasyna haýa hakynda wagyz edip durdy, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Ony taşla (oňa degme), çünki haýa imandandyr”**

«دَعْهُ فَإِنَّ الحَيَاءَ مِنَ الإِيمَانِ»

## 17-bap: Eger toba edip, namaz okap, zekat berseler, olary erkine goýberiň!

25- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“(Yslama we musulmanlara garşy söweşýän kapyr) Adamlar bilen tä “Allahdan başga (hak) ybadat edilýän ilähiň ýokdygyna we Muhammediň hem Allahyň ilçisidigine şaýatlyk edip, namaz okap, zekat berýänçäler” söweşmek maňa buýruldy. Eger (Yslama we musulmanlara garşy näçe duşmançylyk edenem bolsa-da toba edip) şu zatlary ýerine ýetirseler, Yslamyň haky bilen menden[1] öz janlaryny we mallaryny**

---

(1) Ýagny- Sulary eden kişiniň gany we maly Yslamda doly goralýandyr. Olara el batyrylmagyny doly haram edýändir.

**goradyklary bolar (ýagny olara hiç zat edilmez), hasaplary bolsa Allaha gaýdar”**

«أُمِرْتُ أَنْ أُقَاتِلَ النَّاسَ حَتَّى يَشْهَدُوا أَنْ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ، وَأَنَّ مُحَمَّدًا رَسُولُ اللَّهِ، وَيُقِيمُوا الصَّلاَةَ، وَيُؤْتُوا الزَّكَاةَ، فَإِذَا فَعَلُوا ذَلِكَ عَصَمُوا مِنِّي دِمَاءَهُمْ وَأَمْوَالَهُمْ إِلَّا بِحَقِّ الإِسْلاَمِ، وَحِسَابُهُمْ عَلَى اللَّهِ»

## 18-bap: Iman ol amaldyr, Allahyň: “Olara: «Ine, bu eden amallaryňyzyň ýerine miras edilip berlen Jennet!» diýlip aýdylar.”(Zuhruf 72) diýen sözi üçin. Ylym eýelerinden köpüsi Allahyň: “(Eý, Muhammet!) Robbuňa kasam bolsun! Biz hökman olaryň ählisinden näme amal edendikleri barada sorarys”(Hyjr 92) diýen sözünde “Lä ilähe illalah” barada diýdi. Aýtdy: “Amal edýänler, ine, şeýle zat (hak) üçin amal etsinler!” (Soffät 61)

26- Eby Hureýradan (Razyýallahu anhu): “Allahyň Resulyndan (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Haýsy amal has gowy”diýilip soraldy. Aýtdy: “Allaha we Resulyna iman etmek” Aýdyldy: “Soňra näme?” Aýtdy: “Allahyň ýolunda jihad etmek” Aýdyldy: “Soňra näme?” Aýtdy: “Ýagşy (günäsiz edilen) Haj”**

أَنَّ رَسُولَ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ سُئِلَ: أَيُّ العَمَلِ أَفْضَلُ؟ فَقَالَ: «إِيمَانٌ بِاللَّهِ وَرَسُولِهِ». قِيلَ: ثُمَّ مَاذَا؟ قَالَ: «الجِهَادُ فِي سَبِيلِ اللَّهِ» قِيلَ: ثُمَّ مَاذَا؟ قَالَ: «حَجٌّ مَبْرُورٌ»

## 19-bap: Egerde Yslam hakyky bolmasa, öldürilmekden gorkany ýada (ýeňileni sebäpli) boýun bolany üçin (bolsa, oňa ahyretde peýdasy degmez), (Allahyň): “Çarwalar: «Biz iman etdik» diýdiler. (Olara): «Siz iman etmediňiz, siz «Boýun bolduk» diýiň» diýip aýt”(Hujurot 14) diýen sözi üçin. Egerde hakyky bolsa, ine ol Allahyň sözündäkidir: “Takyk, Allahyň ýanynda (hak kabul ediljek) din yslamdyr.”(Äli Ymron19)

27- Saddan (Razyýallahu anhu): **“Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) bir topar adamlara (zat) berdi we Sadam otyrdy. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) birine bermedi, ol bolsa olaryň**

**içinden maňa iň gowusydy, aýtdym: “Eý, Allahyň Resuly! Näme sebäpden plana bermediň? Allaha kasam bolsun, ony mömin görýärin” Aýtdy:“ýa-da musulman (diý)” Sähel dymdym, soňra ondan bilýän zadym meni ýeňdi we sözümi gaýtaladymda aýtdym: “Eý, Allahyň Resuly! Näme sebäpden plana bermediň? Allaha kasam bolsun, ony mömin görýärin” Aýtdy: “ýada musulman (diý)” Soňra ondan bilýän zadym meni ýeňdi we sözümi gaýtaladym we Allahyň Resulam sözüni gaýtalady, soňra aýtdy: “Eý, Sad! Takyk, men bir kişä (zat) berýärin, başgasy maňa ondan has gowy bolsa-da, (bunuň sebäbi) Allahyň ony Oda pylçamagyndan gorkýaryn”**

أَنَّ رَسُولَ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ أَعْطَى رَهْطًا وَسَعْدٌ جَالِسٌ، فَتَرَكَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ رَجُلًا هُوَ أَعْجَبُهُمْ إِلَيَّ، فَقُلْتُ: يَا رَسُولَ اللَّهِ مَا لَكَ عَنْ فُلاَنٍ فَوَاللَّهِ إِنِّي لَأَرَاهُ مُؤْمِنًا، فَقَالَ: «أَوْ مُسْلِمًا» فَسَكَتُّ قَلِيلًا، ثُمَّ غَلَبَنِي مَا أَعْلَمُ مِنْهُ، فَعُدْتُ لِمَقَالَتِي، فَقُلْتُ: مَا لَكَ عَنْ فُلاَنٍ؟ فَوَاللَّهِ إِنِّي لَأَرَاهُ مُؤْمِنًا، فَقَالَ: «أَوْ مُسْلِمًا». ثُمَّ غَلَبَنِي مَا أَعْلَمُ مِنْهُ فَعُدْتُ لِمَقَالَتِي، وَعَادَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ، ثُمَّ قَالَ: «يَا سَعْدُ إِنِّي لَأُعْطِي الرَّجُلَ، وَغَيْرُهُ أَحَبُّ إِلَيَّ مِنْهُ، خَشْيَةَ أَنْ يَكُبَّهُ اللَّهُ فِي النَّارِ»

## 20- bap: Salamy ýaýratmak Yslamdan.

Ammar aýtdy: “Üç zat kim bulary jemlese, gürrüňsiz imany jemledigidir: Özüňe ynsaply (adalatly) bolmak, äleme (ýagny adamlara) salam bermek we garyplykda sadaka etmek”

28- Abdullah bin Amyrdan (Razyýallahu anhumä):

**“Bir kişi Allahyň Resulyndan (Sallallahu aleýhi we sellem): “Haýsy yslamyň amaly has gowy?” diýip sorady. Aýtdy: “Nahar naharlamagyň, tanaýanyňa we tanamaýanyňa salam bermegiň””**

عَنْ عَبْدِ اللَّهِ بْنِ عَمْرٍو رَضِيَ اللَّهُ عَنْهُمَا، أَنَّ رَجُلًا سَأَلَ النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: أَيُّ الإِسْلاَمِ خَيْرٌ؟ قَالَ: «تُطْعِمُ الطَّعَامَ، وَتَقْرَأُ السَّلاَمَ عَلَى مَنْ عَرَفْتَ وَمَنْ لَمْ تَعْرِفْ»

## 21- bap: Ýan-ýoldaşa küpr etmek, (bärdäki) küpür (dinden çykarýan) küpür däl.

29- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Maňa Ot (Dowzah) görkezildi, ondakylaryň köpüsi küpür edýän zenanlar eken” Aýdyldy: “Allaha küpür edýänlermi?” Aýtdy: “Ýan-ýoldaşyna**

**(ärine) küpür edýänler (näşükür bolýanlar) we ýagşylyga küpür edýänler (näsükür bolýanlar). Egerde olaryň birine mydama ýagşylyk etseňde, soňra senden ýeke erbetlik görse: “Senden hiç haýyr görmedim” diýer”**

«أُرِيتُ النَّارَ فَإِذَا أَكْثَرُ أَهْلِهَا النِّسَاءُ، يَكْفُرْنَ» قِيلَ: أَيَكْفُرْنَ بِاللَّهِ؟ قَالَ: "يَكْفُرْنَ العَشِيرَ، وَيَكْفُرْنَ الإِحْسَانَ، لَوْ أَحْسَنْتَ إِلَى إِحْدَاهُنَّ الدَّهْرَ، ثُمَّ رَأَتْ مِنْكَ شَيْئًا، قَالَتْ: مَا رَأَيْتُ مِنْكَ خَيْرًا قَطُّ"

## 22- bap: Günäler Jahylýediň[1] halyndan, ony edeni kapyr edilmeýär diňe şirk etmek bilen (kapyr bolar), Nebiýniň (Sallallahu aleýhi we sellem) sözi üçin: “Takyk, sen jahylýetlikden sende bolan kişi” we Allah Taglanyň sözi üçin: “Takyk, Allah özüne şärik tutulmagyny bagyşlamaz. Emma ondan (şärik tutmakdan) başgasynda islänini bagyşlar.”

30- El-Magruf aýtdy: **“(Sahaba) Ebu Zere Er-Robezede duşdum, üstünde gowy matadan eşik we gulunda-da (şol) gowy matadan eşikdi, ondan ol barada soradym, aýtdy: “Takyk, men bir kişä sögündim, ejesine ýaman söz diýmek bilen ony aýypladym, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) maňa: “Eý, Ebu Zer! Ejesine ýaman söz diýmek bilen ony aýypladyňmy! Takyk, sen jahylýetlikden sende bolan kişi. Doganlaryňyz kömekçiňiz. Allah olary (musulman gullary) gollaryňyzyň astynda etdi. Kimiň (musulman) dogany golunyň astynda bolsa, ony öz iýýäninden iýdirsin, geýýäninden geýdirsin! Olara başarjagyndan artykmaç buýurmaň, egerde olara buýraýsaňyz  kömek ediň!” diýdi”**

المعْرُور بْنِ سُوَيْدٍ، قَالَ: لَقِيتُ أَبَا ذَرٍّ بِالرَّبَذَةِ، وَعَلَيْهِ حُلَّةٌ، وَعَلَى غُلاَمِهِ حُلَّةٌ، فَسَأَلْتُهُ عَنْ ذَلِكَ، فَقَالَ: إِنِّي سَابَبْتُ رَجُلًا فَعَيَّرْتُهُ بِأُمِّهِ، فَقَالَ لِي النَّبِيُّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: «يَا أَبَا ذَرٍّ أَعَيَّرْتَهُ بِأُمِّهِ؟ إِنَّكَ امْرُؤٌ فِيكَ جَاهِلِيَّةٌ، إِخْوَانُكُمْ خَوَلُكُمْ، جَعَلَهُمُ اللَّهُ تَحْتَ أَيْدِيكُمْ، فَمَنْ كَانَ أَخُوهُ تَحْتَ يَدِهِ، فَلْيُطْعِمْهُ مِمَّا يَأْكُلُ، وَلْيُلْبِسْهُ مِمَّا يَلْبَسُ، وَلاَ تُكَلِّفُوهُمْ مَا يَغْلِبُهُمْ، فَإِنْ كَلَّفْتُمُوهُمْ فَأَعِينُوهُمْ»

(1) Yslam gelmezinden ozalky nadanlyk döwründen.

## Bap: “Eger möminlerden iki topar biri-birleri bilen söweşse, bes, siz olaryň arasyny düzediň! Eger olaryň biri beýlekisine hüjüm etse, ol hüjüm edenler bilen, tä Allahyň emrine dönýänçäler, siz hem söweşiň! Eger (Allahyň emrine) dönseler, olaryň arasyny 13dalat bilen düzediň! Adalatly boluň! Takyk, Allah adalatly bolanlary söýýändir.”(Hujurat 9) Olary möminler diýip atlandyrdy.

31- El-Ahnef bin Koýs aýtdy: **“Bu kişä (Ala) arka durmak üçin gitdim, maňa Ebu Bekre duşdy we aýtdy: “Nirä barýarsyň?” Aýtdym: “Bu kişä arka durmaga” Aýtdy: “Dolan, sebäbi men Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) aýdanyny eşitdim: “Egerde iki musulman gylyçlary bilen sataşsa, ölenem, öldürenem Otda” Aýtdym: “Eý, Allahyň Resuly! Bu öldüren, öldürilen näme üçin?” Aýtdy: “Takyk, olam ýoldaşyny öldürmegi jan edipdi”**

الأَحْنَف بْنِ قَيْسٍ قَالَ: ذَهَبْتُ لِأَنْصُرَ هَذَا الرَّجُلَ، فَلَقِيَنِي أَبُو بَكْرَةَ فَقَالَ أَيْنَ تُرِيدُ؟ قُلْتُ: أَنْصُرُ هَذَا الرَّجُلَ، قَالَ: ارْجِعْ فَإِنِّي سَمِعْتُ رَسُولَ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ يَقُولُ: «إِذَا التَقَى المسْلِمَانِ بِسَيْفَيْهِمَا فَالقَاتِلُ وَالمقْتُولُ فِي النَّارِ»، فَقُلْتُ يَا رَسُولَ اللَّهِ هَذَا القَاتِلُ فَمَا بَالُ المقْتُولِ قَالَ: «إِنَّهُ كَانَ حَرِيصًا عَلَى قَتْلِ صَاحِبِهِ»

## 23- bap: Zulum (öz arasynda) zulumdan tapawutly.

32- Abdullah aýtdy: **“Haçanda “Iman edip, öz imanlaryna zulum garmadyklar”(Engam 82) diýen aýat inende, Allahyň Resulynyň egindeşleri: “Haýsy birimiz (günä etmek bilen özümize) zulum etmeýäris?”diýdiler, Allah Azze we Jelle: “Şärik goşmak örän uly zulumdyr»(Lukman 13) diýen aýaty inderdi."**

عَبْدِ اللَّهِ قَالَ: لَمَّا نَزَلَتْ: {الَّذِينَ آمَنُوا وَلَمْ يَلْبِسُوا إِيمَانَهُمْ بِظُلْمٍ}(الأنعام: 82) قَالَ أَصْحَابُ رَسُولِ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: أَيُّنَا لَمْ يَظْلِمْ؟ فَأَنْزَلَ اللَّهُ عَزَّ وَجَلَّ: {إِنَّ الشِّرْكَ لَظُلْمٌ عَظِيمٌ}(لقمان: 13)

## 24- bap: Mynafygyň alamaty.

33- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Mynafygyň alamaty üç: Egerde geplese ýalan sözlär, wada berse wadasynda durmaz we (bir zat) ynanylsa hyýanat eder”**

"آيَةُ المُنَافِقِ ثَلاَثٌ: إِذَا حَدَّثَ كَذَبَ، وَإِذَا وَعَدَ أَخْلَفَ، وَإِذَا اؤْتُمِنَ خَانَ"

## 25- bap: Gadyr gijesinde (ybadata) durmak imandan.

35- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim iman bilen we (Allahdan) sogabyny umyt etmek bilen Gadyr gijesinde (ybadata) dursa onuň geçen günäleri bagyşlanar”**

«مَنْ يَقُمْ لَيْلَةَ القَدْرِ، إِيمَانًا وَاحْتِسَابًا، غُفِرَ لَهُ مَا تَقَدَّمَ مِنْ ذَنْبِهِ»

## 26- bap: Jihad imandan.

36- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Allah kim onuň ýoluna çyksa we ony diňe iman we ilçilerine bolan ynanjy çykaran bolsa, ony sogapdan ýada oljadan gazanany bilen dolandyrmagy ýada Jennete salmagy bilen sylaglar. Egerde ymmatyma kyn düşmejek bolsady, gizlin iberilen goşundan galmazdym we Allahyň ýolunda öldürilmegimi, soňra direlmegimi, soňra öldürilmegimi, soňra direlmegimi, soňra öldürilmegimi islärdim”**

«انْتَدَبَ اللَّهُ لِمَنْ خَرَجَ فِي سَبِيلِهِ، لاَ يُخْرِجُهُ إِلَّا إِيمَانٌ بِي وَتَصْدِيقٌ بِرُسُلِي، أَنْ أُرْجِعَهُ بِمَا نَالَ مِنْ أَجْرٍ أَوْ غَنِيمَةٍ، أَوْ أُدْخِلَهُ الجَنَّةَ، وَلَوْلاَ أَنْ أَشُقَّ عَلَى أُمَّتِي مَا قَعَدْتُ خَلْفَ سَرِيَّةٍ، وَلَوَدِدْتُ أَنِّي أُقْتَلُ فِي سَبِيلِ اللَّهِ ثُمَّ أُحْيَا، ثُمَّ أُقْتَلُ ثُمَّ أُحْيَا، ثُمَّ أُقْتَلُ»

## 27- bap: Remezanda (ybadata) durmakda gaýrat etmek imandan.

37- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim iman bilen we (Allahdan) sogabyny umyt etmek bilen Remezanda (ybadatlara) dursa onuň geçen günäleri bagyşlanar”**

«مَنْ قَامَ رَمَضَانَ إِيمَانًا وَاحْتِسَابًا، غُفِرَ لَهُ مَا تَقَدَّمَ مِنْ ذَنْبِهِ»

## 28- bap: Remezanda (Allahdan) sogabyny umyt bilen roza tutmak imandan.

38- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim iman bilen we (Allahdan) sogabyny umyt etmek bilen Remezanda roza tutsa onuň geçen günäleri bagyşlanar”**

«مَنْ صَامَ رَمَضَانَ، إِيمَانًا وَاحْتِسَابًا، غُفِرَ لَهُ مَا تَقَدَّمَ مِنْ ذَنْبِهِ»

## 29- bap: Din ýeňil. Nebiýniň sözi: "Dinden Allaha iň söýgülisi haniýfiýýe (şirki taşlamak)."

39- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Takyk, Din ýeňildir. Biri dine gatylyk bilen çemeleşse din ony ýeňer[1], dogryny tutuň, golaýladyň, buşlanyň[2]. Säheri, günortany we gijeden bir bölegi (ybadat köpräk etmek üçin) ulanyň”**

«إِنَّ الدِّينَ يُسْرٌ، وَلَنْ يُشَادَّ الدِّينَ أَحَدٌ إِلَّا غَلَبَهُ، فَسَدِّدُوا وَقَارِبُوا، وَأَبْشِرُوا، وَاسْتَعِينُوا بِالْغَدْوَةِ وَالرَّوْحَةِ وَشَيْءٍ مِنَ الدُّلْجَةِ»

## 30- bap: Namaz imandan we Allah Tagalanyň sözi: “Allah siziň imanyňyzy puja çykarmaz” ýagny Käbede (aksa metjidine tarap) okan namazyňyz.

40- Bero bin Azybdan: **“Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) ilki Medinä geleninde Ansarylardan bolan atalarynda (ýada daýylarynda) düşledi. Makdis (Aksa) metjidine tarap 16 ýada 17 aýlap namaz okady we oňa kyblasynyň Käbä tarap bolamagy ýaraýardy, (Medinede Käbä tarap bakyp) ilkinji okan namazy ikindi namazy, onuň bilen adamlaram okady. Onuň bilen okanlardan biri (namazy bitirip) çykyp, (başga) metjitde namaz okap duranlar rukugda halyndaka deňesinden geçende, aýtdy: “Allahy şaýat tutunýaryn, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) bilen Mekkä tarap namaz okadym” Şo hallarynda Käbä tarap aýlandylar. Ýehudylara bolsa onuň we Kitap berilenleriň Aksa bakyp namaz okamagy ýaraýardy, haçanda (namazlarda) Käbä bakyp okap başlanda, ony inkär etdiler. Kybla (Käbä) üýtgedilmezinden ozal Aksa metjidine wagty ençeme erkekler öldüler we öldürildiler, olar babatynda näme diýmelidigini bilmeýärdik. (Şonda) Allah Tagala: “Allah siziň imanyňyzy puja çykarmaz”(Bakara 143) diýen sözüni inderdi.**

أَنَّ النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ كَانَ أَوَّلَ مَا قَدِمَ المدِينَةَ نَزَلَ عَلَى أَجْدَادِهِ، أَوْ قَالَ أَخْوَالِهِ مِنَ الأَنْصَارِ، وَأَنَّهُ «صَلَّى قِبَلَ بَيْتِ المَقْدِسِ سِتَّةَ عَشَرَ شَهْرًا، أَوْ سَبْعَةَ عَشَرَ شَهْرًا، وَكَانَ يُعْجِبُهُ أَنْ تَكُونَ قِبْلَتُهُ قِبَلَ البَيْتِ، وَأَنَّهُ صَلَّى أَوَّلَ صَلاَةٍ

---

(1) Ýagny: Dinde ýeňil-ýumşaklyklary taşlap, öte geçip gitse, soňuna deňeç dowam edip bilmez, ejizlär.
(2) Ýgany: Dogryny başardygyňdan tutup, başarmaýanyňy başaranyňa görä golaýladanyňdan soňra, uly sogaplaryň bardygyna begen, buşlan!

صَلَّاهَا صَلَاةَ العَصْرِ، وَصَلَّى مَعَهُ قَوْمٌ» فَخَرَجَ رَجُلٌ مِمَّنْ صَلَّى مَعَهُ، فَمَرَّ عَلَى أَهْلِ مَسْجِدٍ وَهُمْ رَاكِعُونَ، فَقَالَ: أَشْهَدُ بِاللَّهِ لَقَدْ صَلَّيْتُ مَعَ رَسُولِ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ قِبَلَ مَكَّةَ، فَدَارُوا كَمَا هُمْ قِبَلَ البَيْتِ، وَكَانَتِ اليَهُودُ قَدْ أَعْجَبَهُمْ إِذْ كَانَ يُصَلِّي قِبَلَ بَيْتِ المَقْدِسِ، وَأَهْلُ الكِتَابِ، فَلَمَّا وَلَّى وَجْهَهُ قِبَلَ البَيْتِ، أَنْكَرُوا ذَلِكَ. قَالَ زُهَيْرٌ: حَدَّثَنَا أَبُو إِسْحَاقَ، عَنِ البَرَاءِ فِي حَدِيثِهِ هَذَا: أَنَّهُ مَاتَ عَلَى القِبْلَةِ قَبْلَ أَنْ تُحَوَّلَ رِجَالٌ وَقُتِلُوا، فَلَمْ نَدْرِ مَا نَقُولُ فِيهِمْ، فَأَنْزَلَ اللَّهُ تَعَالَى:

{وَمَا كَانَ اللَّهُ لِيُضِيعَ إِيمَانَكُمْ} [البقرة: 143]

## 31- bap: Kişiniň Yslamynyň gowulygy.

41- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Egerde bende Yslama girse we Yslamy gowy bolsa, Allah ondan geçen ähli günäni ýuwar, şondan soňra sylag-jezalar (ýazyljak). Her bir sogap 10 essesi ýalydan 700-e çenli köpeldiler we her bir günä özi ýaly bolar (köpeldilmez), diňe Allah ony geçäýmese (geçse olam ýazylmaz)”**

"إِذَا أَسْلَمَ العَبْدُ فَحَسُنَ إِسْلاَمُهُ، يُكَفِّرُ اللَّهُ عَنْهُ كُلَّ سَيِّئَةٍ كَانَ زَلَفَهَا، وَكَانَ بَعْدَ ذَلِكَ القِصَاصُ: الحَسَنَةُ بِعَشْرِ أَمْثَالِهَا إِلَى سَبْعِ مِائَةِ ضِعْفٍ، وَالسَّيِّئَةُ بِمِثْلِهَا إِلَّا أَنْ يَتَجَاوَزَ اللَّهُ عَنْهَا"

42- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Egerde biriňiz Yslamyny gowulasa, eden her bir sogaby oňa 10 essesi ýalydan 700-e çenli köpeldilip ýazylar we her bir eden günäsi oňa özi ýaly (köpeldilmän) ýazylar”**

"إِذَا أَحْسَنَ أَحَدُكُمْ إِسْلاَمَهُ: فَكُلُّ حَسَنَةٍ يَعْمَلُهَا تُكْتَبُ لَهُ بِعَشْرِ أَمْثَالِهَا إِلَى سَبْعِ مِائَةِ ضِعْفٍ، وَكُلُّ سَيِّئَةٍ يَعْمَلُهَا تُكْتَبُ لَهُ بِمِثْلِهَا"

## 32- bap: Allaha Azza we Jelle iň söýgüli din (amal) iň dowamatlysy.

43- Aişeden: **“Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) onuň ýanyna giren we (Aişäniň) ýanynda bir zenan bolan, aýtdy: “Kim bu?” (Aişe): “Plany” diýip (öwüp) namazyny agzady. Aýtdy: “Dur! Başarýan zadyňyza ýapyşyň! Allaha kasam bolsun, Allah irmez, siz irmeseňiz. Oňa diniň (amallaryň) iň söýgülisi (amal) eýesiniň dowamatly edenidir”**

أَنَّ النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ دَخَلَ عَلَيْهَا وَعِنْدَهَا امْرَأَةٌ، قَالَ: «مَنْ هَذِهِ؟» قَالَتْ: فُلاَنَةُ، تَذْكُرُ مِنْ صَلاَتِهَا، قَالَ: «مَهْ، عَلَيْكُمْ بِمَا تُطِيقُونَ، فَوَاللَّهِ لاَ يَمَلُّ اللَّهُ حَتَّى تَمَلُّوا» وَكَانَ أَحَبَّ الدِّينِ إِلَيْهِ مَادَامَ عَلَيْهِ صَاحِبُهُ

## 33- bap: Imanyň artmagy we kemelmegi we Allah Taglanyň sözi: “Biz olaryň dogry ýolda berk durmaklaryny has-da artdyrdyk.” (Kehf 13) “Iman getirenleriň hem imanlary artsyn” (Muddessir 31) “Men bu gün siziň üçin diniňizi kämil etdim” (Mäide 3) Egerde kämilden (doludan) bir zat taşsala, ol kemdir.

44- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim: “Lä ilähe ilallah (Allahdan başga ybadata hakly hiç ilăh ýok) diýse we ýüreginde arpa agramy ýaly haýyrdan bolsa Otdan çykar, kim: “Lä ilähe ilallah” diýse we ýüreginde bugdaý agramy ýaly haýyrdan bolsa Otdan çykar we kim: “Lä ilähe ilallah”diýse we ýüreginde zerre agramy ýaly haýyrdan bolsa Otdan çykar”** Başga hadysda: **“haýyrdan”** sözüniň ýerine **“imandan”** diýip gelen.

«يَخْرُجُ مِنَ النَّارِ مَنْ قَالَ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ، وَفِي قَلْبِهِ وَزْنُ شَعِيرَةٍ مِنْ خَيْرٍ، وَيَخْرُجُ مِنَ النَّارِ مَنْ قَالَ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ، وَفِي قَلْبِهِ وَزْنُ بُرَّةٍ مِنْ خَيْرٍ، وَيَخْرُجُ مِنَ النَّارِ مَنْ قَالَ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ، وَفِي قَلْبِهِ وَزْنُ ذَرَّةٍ مِنْ خَيْرٍ» في الرواية: «مِنْ إِيمَانٍ» مَكَانَ «مِنْ خَيْرٍ»

45- Omar bin Hattabdan: **“Oňa ýehudylardan bir kişi: “Eý, möminleriň emiri! Kitabyňyzda bir aýaty okaýaňyz, egerde bize ýehudy magşaryna inen bolsady, ol güni baýram edip tutunardyk” diýdi, (Omar) aýtdy: “Haýsy aýat?” Aýtdy: “Men bu gün siziň üçin diniňizi kämil etdim we size (dini kämil etmek bilen) Öz nygmatymy doly berdim hem-de size yslam din bolmagyna razy boldum.”**(Mäide 3) **Omar aýtdy: “Onuň Nebiýe (Sallallahu aleýhi we sellem) inen ol güni we ýeri bilýäris, ol Juma güni Arafada durkady”**

أَنَّ رَجُلًا، مِنَ اليَهُودِ قَالَ لَهُ: يَا أَمِيرَ المُؤْمِنِينَ، آيَةٌ فِي كِتَابِكُمْ تَقْرَءُونَهَا، لَوْ عَلَيْنَا مَعْشَرَ اليَهُودِ نَزَلَتْ، لاَتَّخَذْنَا ذَلِكَ اليَوْمَ عِيدًا. قَالَ: أَيُّ آيَةٍ؟ قَالَ: {الْيَوْمَ أَكْمَلْتُ لَكُمْ دِينَكُمْ وَأَتْمَمْتُ عَلَيْكُمْ نِعْمَتِي وَرَضِيتُ لَكُمُ الْإِسْلَامَ دِينًا} [المائدة: 3] قَالَ عُمَرُ: «قَدْ عَرَفْنَا ذَلِكَ اليَوْمَ، وَالمَكَانَ الَّذِي نَزَلَتْ فِيهِ عَلَى النَّبِيِّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ، وَهُوَ قَائِمٌ بِعَرَفَةَ يَوْمَ جُمُعَةٍ»

## 34- bap: Zekat Yslamdan we Allahyň sözi: “(Aslynda), olara yhlas bilen ýalňyz Onuň dinini kabul edýän hanyflar (hak dine uýýanlar) bolup, (diňe) Allaha ybadat etmekleri, namazy berjaý etmekleri we zekat bermekleri emir edilipdi. Ine, berk (dogry) din budur.”(Beýýine 5).

46- Talha bin Ubeýdillähden: **“Nejitden saçy bulaşyk kişi Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna geldi, (ilki daşdan) sesiniň waggyldysy eşidilýärdi we diýýän zadyna düşünilmeýärdi, tä golaýlaşýança, ol Yslam barada soraýan ekeni. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Gije-gündizde 5 wagtyna namazlar” Aýtdy: “Maňa olardan (5 wagtdan) başga parz edileni barmy?” Aýtdy: “Ýok, diňe öz islegiň bilen (sogap isläp) daşyndan bir zat goşaýmasaň” (Ýene) Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Remezan aýynda agyz beklemek” Aýtdy: “Maňa ondan (Remezandan) başga parz edileni barmy?” Aýtdy: “Ýok, diňe öz islegiň bilen (sogap isläp) daşyndan bir zat goşaýmasaň” Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) oňa zekady aýtdy, ol: “Maňa ondan (Zekatdan) başga parz edileni barmy?” Aýtdy: “Ýok, diňe öz islegiň bilen (sogap isläp) daşyndan bir zat goşaýmasaň” Soňra ol kişi: “Allaha kasam bolsun, mundan zat artdyrmaryn we kemeltmerin” diýip yzyna dolandy. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Egerde sözünde dursa (Dowzahdan gutulyp) üstünlige ýeter”**

جَاءَ رَجُلٌ إِلَى رَسُولِ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ مِنْ أَهْلِ نَجْدٍ ثَائِرَ الرَّأْسِ، يُسْمَعُ دَوِيُّ صَوْتِهِ وَلاَ يُفْقَهُ مَا يَقُولُ، حَتَّى دَنَا، فَإِذَا هُوَ يَسْأَلُ عَنِ الإِسْلاَمِ، فَقَالَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: «خَمْسُ صَلَوَاتٍ فِي اليَوْمِ وَاللَّيْلَةِ». فَقَالَ: هَلْ عَلَيَّ غَيْرُهَا؟ قَالَ: «لاَ، إِلَّا أَنْ تَطَوَّعَ». قَالَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: «وَصِيَامُ رَمَضَانَ». قَالَ: هَلْ عَلَيَّ غَيْرُهُ؟ قَالَ: «لاَ، إِلَّا أَنْ تَطَوَّعَ». قَالَ: وَذَكَرَ لَهُ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ الزَّكَاةَ، قَالَ: هَلْ عَلَيَّ غَيْرُهَا؟ قَالَ: «لاَ، إِلَّا أَنْ تَطَوَّعَ». قَالَ: فَأَدْبَرَ الرَّجُلُ وَهُوَ يَقُولُ: وَاللَّهِ لاَ أَزِيدُ عَلَى هَذَا وَلاَ أَنْقُصُ، قَالَ رَسُولُ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: «أَفْلَحَ إِنْ صَدَقَ»

## 35- bap: Jynaza[1] eýermek imandan.

47- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Kim iman we (Allahdan) sogabyny umyt etmek bilen musulmanyň jynazasyna eýerse, jynaza namazyny okan bolsa we jaýlanmagyndan soň boşasa, ol sogapdan iki kyrot alar, her kyrot Uhud dagy ýalydyr. Kim oňa (jynaza) namaza durup, jaýlanmagyndan ozal dolansa, ol bir kyrot bilen dolanar"**

«مَنِ اتَّبَعَ جَنَازَةَ مُسْلِمٍ، إِيمَانًا وَاحْتِسَابًا، وَكَانَ مَعَهُ حَتَّى يُصَلَّى عَلَيْهَا وَيَفْرُغَ مِنْ دَفْنِهَا، فَإِنَّهُ يَرْجِعُ مِنَ الأَجْرِ بِقِيرَاطَيْنِ، كُلُّ قِيرَاطٍ مِثْلُ أُحُدٍ، وَمَنْ صَلَّى عَلَيْهَا ثُمَّ رَجَعَ قَبْلَ أَنْ تُدْفَنَ، فَإِنَّهُ يَرْجِعُ بِقِيرَاطٍ»

## 36- bap: Mömin duýmadyk halynda amalynyň (sogabynyň) puja çykmagyndan gorkmagy.

Ybrahym Et-Teýmiý aýtdy: **“Sözümi amalym bilen deňeşdirenimde, ýalançy (ýaly) bolmakdan gorkýardym”** Ibn Ebiý Muleýk aýtdy: **“Nebiýniň (Sallallahu aleýhi we sellem) otuz sany sahabasyna duşdum, ählisi özlerine nifakdan gorkýardylar, olarda ýekesem özüniň Jibriliň we Mikäliň imany ýaly (imanlydygyny) aýtmaýardy”** Hasandan aýdylýar: **“(Nifakdan) Möminden başga gorkmaz, mynafykdan başga arkaýyn bolmaz”** Toba etmän, dowamatly nifak we günä etmekden häzir bolmak, Allahyň sözi üçin: **“Olar (Allahyň bagyşlaýanyny) bilseler hem, eden işlerini (günäleri) gaýtalap dowam etmezler.”**

48- Zubeýden: **“Ebu Wäilden Murjiýe barada soradym, aýtdy: “Abdullah maňa: “Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: “Musulmana sögmek pasyklyk, ony öldürmeklik küpür” diýip aýtdy”**

عَنْ زُبَيْدٍ، قَالَ: سَأَلْتُ أَبَا وَائِلٍ عَنِ المُرْجِئَةِ، فَقَالَ: حَدَّثَنِي عَبْدُ اللَّهِ أَنَّ النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ قَالَ: «سِبَابُ المُسْلِمِ فُسُوقٌ، وَقِتَالُهُ كُفْرٌ»

49- **Ubade bin Es-Somitden: “Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) Gadyr gijesi barada (ýagny haçandygyny) aýtmaga çykdy, şonda musulmanlardan iki kişi dawalaşdy, aýtdy: “Takyk, men size Gadyr gijesi barada (haçandygyny) aýtmak üçin çykdym, plany bilen**

---

(1) Jynaza diýilip, ölem adama aýdylýar, bärde ölen musulmany jaýlamak üçin gitmek göz öňüne tutulýar.

plany dawa etdi we (ol) sebäpli galdyryldy, belkemde siz üçin haýyrly bolar, ony (soňky on gijäniň) ýedi, dokuz we bäşde gözläň”

أَنَّ رَسُولَ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ خَرَجَ يُخْبِرُ بِلَيْلَةِ القَدْرِ، فَتَلاَحَى رَجُلاَنِ مِنَ المسْلِمِينَ فَقَالَ: «إِنِّي خَرَجْتُ لِأُخْبِرَكُمْ بِلَيْلَةِ القَدْرِ، وَإِنَّهُ تَلاَحَى فُلاَنٌ وَفُلاَنٌ، فَرُفِعَتْ، وَعَسَى أَنْ يَكُونَ خَيْرًا لَكُمْ، التَمِسُوهَا فِي السَّبْعِ وَالتِّسْعِ وَالخَمْسِ»

## 37-bap: Jibriliň Nebiýden (Sallallahu aleýhi we sellem) Iman, Yslam, Yhsan we Kyýamatyň ylymy baradaky soragy we Nebiýniň (Sallallahu aleýhi we sellem) oňa beýan etmegi, soňra aýtdy: “Jibril (aleýhisselam) size Diniňizi öwretmek üçin geldi” diýip, onuň ählisini din etdi we Nebiýniň Abdulkaýs wekillerine imany beýan etmegi we (Allahyň) sözi: “Kim Yslamdan başga din islese, ondan hiç kabul edilmez”(Äli Ymron 85)

50- Ebu Hureýra aýtdy: **“Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) bir gün adamlaryň arasyndady, onuň ýanyna Jibril gelip aýtdy: “Iman näme?” (Nebiý) aýtdy: “Iman Allaha iman etmegiň (berk ynanmagyň), perişdelerine, kitaplaryna, Oňa duşjagyňa, ilçilerine we täzeden direlmege iman etmegiň” Aýtdy: “Yslam näme?” (Nebiý) aýtdy: “Yslam Allaha ybadat etmegiň we Oňa şärik goşmazlygyň, namazy dikeltmegiň, parz edilen zekady bermegiň, Remezanda roza tutmagyň” (Jibril) aýtdy: “Yhsan näme” (Nebiý) aýtdy: “Allahy görýän ýaly oňa ybadat etmegiň, sen ony görmeseň-de, Ol seni görýär” (Jibril) aýtdy: “Sagat (Kyýamat) haçan?” (Nebiý) aýtdy: “Ol barada soralýan, sorag berýänden köp ylymy ýok, saňa alamatlary barada habar bereýin: Egerde gyrnak hojaýynyny dogursa, egerde gara düýe çopanlary binany uzyn gurmakda ýaryşsalar we bäşiside Allahdan başga olary bilýän ýok” diýip şu aýaty okady: “Takyk, Allah Sagadyň (Kyýamatyň) ylymy Ondadyr”(Lukman 34) Soňra (Jibril) dolandy, (Nebiý aýtdy: “Ony dolaň” (çykanlarynda) hiç zat görmediler (tapmadylar). Nebiý aýtdy: “Bu Jibril, adamlara dinlerini öwretmek üçin geldi” Ebu Abdullah aýtdy: “Olaryň (ýokarky agzanlaryň) ählijesini imandan etdi”**

كَانَ النَّبِيُّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ بَارِزًا يَوْمًا لِلنَّاسِ، فَأَتَاهُ جِبْرِيلُ فَقَالَ: مَا الإِيمَانُ؟ قَالَ: «الإِيمَانُ أَنْ تُؤْمِنَ بِاللَّهِ وَمَلاَئِكَتِهِ، وَكُتُبِهِ، وَبِلِقَائِهِ، وَرُسُلِهِ وَتُؤْمِنَ بِالْبَعْثِ». قَالَ: مَا الإِسْلاَمُ؟ قَالَ: "الإِسْلاَمُ: أَنْ تَعْبُدَ اللَّهَ، وَلاَ تُشْرِكَ بِهِ شَيْئًا، وَتُقِيمَ

الصَّلاَةَ، وَتُؤَدِّيَ الزَّكَاةَ المَفْرُوضَةَ، وَتَصُومَ رَمَضَانَ". قَالَ: مَا الإِحْسَانُ؟ قَالَ: «أَنْ تَعْبُدَ اللَّهَ كَأَنَّكَ تَرَاهُ، فَإِنْ لَمْ تَكُنْ تَرَاهُ فَإِنَّهُ يَرَاكَ»، قَالَ: مَتَى السَّاعَةُ؟ قَالَ: "مَا المَسْئُولُ عَنْهَا بِأَعْلَمَ مِنَ السَّائِلِ، وَسَأُخْبِرُكَ عَنْ أَشْرَاطِهَا: إِذَا وَلَدَتِ الأَمَةُ رَبَّهَا، وَإِذَا تَطَاوَلَ رُعَاةُ الإِبِلِ البُهْمُ فِي البُنْيَانِ، فِي خَمْسٍ لاَ يَعْلَمُهُنَّ إِلَّا اللَّهُ" ثُمَّ تَلاَ النَّبِيُّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ: {إِنَّ اللهَ عِنْدَهُ عِلْمُ السَّاعَةِ} [لقمان: 34] الآيَةَ، ثُمَّ أَدْبَرَ فَقَالَ: «رُدُّوهُ» فَلَمْ يَرَوْا شَيْئًا، فَقَالَ: «هَذَا جِبْرِيلُ جَاءَ يُعَلِّمُ النَّاسَ دِينَهُمْ» قَالَ أَبُو عَبْدِ اللَّهِ: جَعَلَ ذَلِكَ كُلَّهُ مِنَ الإِيمَانِ

## 38-bap.

51- Abdullah bin Abbasa Ebu Syfýan bin Harb habar beren. Gerakl oňa aýdan: **“Senden “Köpelýärlermi ýada azalýarlar?” diýip soradym, “Köpelýärler” diýdiň, ine bu iman şeýle dolýar. Senden “Ýeke biri dinine gireninden soňra, dine gahar edip ondan ýüz öwüreni (mürted) bolany barmy?” diýip soradym, “Ýok” diýdiň, haçanda imanyň ýagtylygy kalp bilen garyşanda şeýle bolýar.**

" أَنَّ هِرَقْلَ، قَالَ لَهُ: سَأَلْتُكَ هَلْ يَزِيدُونَ أَمْ يَنْقُصُونَ؟ فَزَعَمْتَ أَنَّهُمْ يَزِيدُونَ، وَكَذَلِكَ الإِيمَانُ حَتَّى يَتِمَّ، وَسَأَلْتُكَ هَلْ يَرْتَدُّ أَحَدٌ سَخْطَةً لِدِينِهِ بَعْدَ أَنْ يَدْخُلَ فِيهِ؟ فَزَعَمْتَ أَنْ لاَ، وَكَذَلِكَ الإِيمَانُ، حِينَ تُخَالِطُ بَشَاشَتُهُ القُلُوبَ لاَ يَسْخَطُهُ أَحَدٌ "

## 39-bap: Dinini päk tutanyň fazly.

52- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Halal aýdyň, haram hem aýdyň, olaryň (halal bilen haramyň) aralygynda köp adamlaryň bilmeýän şübheli zatlary bardyr, kim şübheli zatlardan goransa, dinini we ar-namysyny päkledigi bolar. Kim şübhelere gaçsa, edil goraghananyň töwereginde sürüsini gezdirýän çopan ýalydyr, oňa girmegi golaý bolar. Her bir patyşanyň öz goraghanasy bolýandyr. Allahyň ýerdäki goraghanasy bolsa haram eden zatlarydyr. Her bir jesetde bir bölek et bardyr, egerde düzelse, jesediň ählisi düzeler, egerde bozulsa, jesediň ählisi bozular. Ol et bölegi hem ýürekdir”**

"الحَلاَلُ بَيِّنٌ، وَالحَرَامُ بَيِّنٌ، وَبَيْنَهُمَا مُشَبَّهَاتٌ لاَ يَعْلَمُهَا كَثِيرٌ مِنَ النَّاسِ، فَمَنِ اتَّقَى المُشَبَّهَاتِ اسْتَبْرَأَ لِدِينِهِ وَعِرْضِهِ، وَمَنْ وَقَعَ فِي الشُّبُهَاتِ: كَرَاعٍ يَرْعَى حَوْلَ الحِمَى، يُوشِكُ أَنْ يُوَاقِعَهُ، أَلاَ وَإِنَّ لِكُلِّ مَلِكٍ حِمًى، أَلاَ إِنَّ حِمَى اللَّهِ فِي أَرْضِهِ مَحَارِمُهُ، أَلاَ وَإِنَّ فِي الجَسَدِ مُضْغَةً: إِذَا صَلَحَتْ صَلَحَ الجَسَدُ كُلُّهُ، وَإِذَا فَسَدَتْ فَسَدَ الجَسَدُ كُلُّهُ، أَلاَ وَهِيَ القَلْبُ"

## 40-bap: Bäşini etmek imandan.

53- Ebu Jemroteden: **“Ibn Abbas bilen otyrdym, meni krowadynda oturdýardy we aýtdy: “Meniň ýanymda gal, mal-mülkümden saňa bir paý bererin” diýdi. Onuň ýanynda iki aý galdym, soňra aýtdy: “Abdulkaýs delegasyýasy (Abdulkaýsdan gelen topary) haçanda Nebiýniň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelenlerinde: “Kimler (bu) kowum” ýada “Kimler (bu) delegasiýa” diýdi, aýtdylar: “Robyga(dan)” Aýtdy: “Gyjalada galmadyk we gynançlyga düşmedik Kowum (ýada “Delegasiýa”) hoş geldi” Aýtdylar: “Eý, Allahyň Resuly! Biz seniň ýanyňa Haram aýyndan başga wagt gelip bilmeýäris, biz bilen siziň arada Muzor kapyrlaryndan bolan raýon bar, bize çürt-kesik buýruk ber, ol buýrugy yzymyzdakylara habar bereli we bu buýruk bilen (ýagny oňa boýun bolmak bilen) Jennete gireli” Içilýan zatlar barada soradylar, (Nebiý) olara dört zady buýurdy we dört zady gadagan etdi: “Allahyň ýeke Özüne iman etmegi buýurdy we aýtdy: “Allahyň ýeke Özüne iman etmegiň nämedigini bilýärsiňizmi?” Aýtdylar: “Allah we Resuly has gowy bilýär” Aýtdy: “Allahdan başga hak ilähiň ýokdugyna we Muhammet Allahyň ilçisidigine, Resulydygyna iman etmek, namazy dikeltmek, zekaty bermek, Remezanda roza tutmak we oljadan bäşden bir bölegini bermegiňiz” Olara dört zady gadagan etdi: Hantemi, dubbäni, nekiry, muzeffeti (ýada “mukaýýer” diýen bolmagyda ahtymal)(1) gadagan etdi, aýtdy: “Şulary ýat tutuň we yzyňyzdakylara bulary habar beriň!”**

عَنْ أَبِي جَمْرَةَ، قَالَ: كُنْتُ أَقْعُدُ مَعَ ابْنِ عَبَّاسٍ يُجْلِسُنِي عَلَى سَرِيرِهِ فَقَالَ: أَقِمْ عِنْدِي حَتَّى أَجْعَلَ لَكَ سَهْمًا مِنْ مَالِي
فَأَقَمْتُ مَعَهُ شَهْرَيْنِ، ثُمَّ قَالَ: إِنَّ وَفْدَ عَبْدِ القَيْسِ لَمَّا أَتَوُا النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ قَالَ: «مَنِ القَوْمُ؟ – أَوْ مَنِ الوَفْدُ؟
–» قَالُوا: رَبِيعَةُ. قَالَ: «مَرْحَبًا بِالقَوْمِ، أَوْ بِالوَفْدِ، غَيْرَ خَزَايَا وَلاَ نَدَامَى»، فَقَالُوا: يَا رَسُولَ اللَّهِ إِنَّا لاَ نَسْتَطِيعُ أَنْ نَأْتِيكَ
إِلَّا فِي الشَّهْرِ الحَرَامِ، وَبَيْنَنَا وَبَيْنَكَ هَذَا الحَيُّ مِنْ كُفَّارِ مُضَرَ، فَمُرْنَا بِأَمْرٍ فَصْلٍ، نُخْبِرْ بِهِ مَنْ وَرَاءَنَا، وَنَدْخُلْ بِهِ الجَنَّةَ،
وَسَأَلُوهُ عَنِ الأَشْرِبَةِ: فَأَمَرَهُمْ بِأَرْبَعٍ، وَنَهَاهُمْ عَنْ أَرْبَعٍ، أَمَرَهُمْ: بِالإِيمَانِ بِاللَّهِ وَحْدَهُ، قَالَ: «أَتَدْرُونَ مَا الإِيمَانُ بِاللَّهِ وَحْدَهُ»
قَالُوا: اللَّهُ وَرَسُولُهُ أَعْلَمُ، قَالَ: «شَهَادَةُ أَنْ لاَ إِلَهَ إِلَّا اللَّهُ وَأَنَّ مُحَمَّدًا رَسُولُ اللَّهِ، وَإِقَامُ الصَّلاَةِ، وَإِيتَاءُ الزَّكَاةِ، وَصِيَامُ

---

(1) Hantem- Bu çakyr ýasalýan küze. Dubbäi- Bu ýagyk ýasalýan guradylan kädi. Nekir: Bu hurma agajyny oýulyp çalar ýasalýan gap. Muzeffet- bu ýag daşalýan gap bolup, soň çakyr ýasalyp başlanan. Mukaýýar: Ýag gaby, soň çakyr ýasalan.

رَمَضَانَ، وَأَنْ تُعْطُوا مِنَ المغْنَمِ الخُمُسَ» وَنَهَاهُمْ عَنْ أَرْبَعٍ: عَنِ الحَنْتَمِ وَالدُّبَّاءِ وَالنَّقِيرِ وَالمزَفَّتِ "، وَرُبَّمَا قَالَ: «المقَيَّرِ» وَقَالَ: «احْفَظُوهُنَّ وَأَخْبِرُوا بِهِنَّ مَنْ وَرَاءَكُمْ»

## 41- Şular barada gelen bap: Takyk, amallar niýete we sogap umyt edilmege görädir, her bir kişä niýet edenidir, ine buňa iman, täret, namaz, zekat, haj, roza we hökümler girendir. Allah Tagala aýtdy: "Aýt: "Her kim öz gurluşyna görä amal edýär"(Isro 84) ýagny niýetine görä. Kişiniň sogabyny (Allahdan) umyt edip maşgalasyna sowany sadakadyr. Aýtdy: "Ýöne Jihad we niýet"

54- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Amallar niýetlere görä. Her bir kişi (amalynyň netijesini) öz eden niýetine görä alar. Kimiň hijreti (niýetinde) Allaha we Resulyna bolsa, hijreti Allaha we Resulyna bolar. Kimiň hijreti dünýä (malyny) gazanmak ýada bir zenana öýlenmek bolsa, hijreti hijret edenine bolar"**

«الأَعْمَالُ بِالنِّيَّةِ، وَلِكُلِّ امْرِئٍ مَا نَوَى، فَمَنْ كَانَتْ هِجْرَتُهُ إِلَى اللَّهِ وَرَسُولِهِ فَهِجْرَتُهُ إِلَى اللَّهِ وَرَسُولِهِ، وَمَنْ كَانَتْ هِجْرَتُهُ لِدُنْيَا يُصِيبُهَا، أَوِ امْرَأَةٍ يَتَزَوَّجُهَا، فَهِجْرَتُهُ إِلَى مَا هَاجَرَ إِلَيْهِ»

55- Nebiý (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Egerde kişi sogabyny (Allahdan) umyt edip maşgalasyna sowsa, oňa (sowana) sadaka (sogaby) bolar"**

«إِذَا أَنْفَقَ الرَّجُلُ عَلَى أَهْلِهِ يَحْتَسِبُهَا فَهُوَ لَهُ صَدَقَةٌ»

56- Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **"Takyk, sen Allahyň didaryny isläp ýeke zat sowmarsyň, megerem onuň üçin sogap alarsyň, iň bärkisi aýalyň agzyna (lukmadan) goýanyňada çenli"**

«إِنَّكَ لَنْ تُنْفِقَ نَفَقَةً تَبْتَغِي بِهَا وَجْهَ اللَّهِ إِلَّا أُجِرْتَ عَلَيْهَا، حَتَّى مَا تَجْعَلُ فِي فَمِ امْرَأَتِكَ»

## 42-bap: Nebiýniň sözi: “Din, Allah üçin, Resuly üçin, musulmanlaryň ymamlary (baştutanlary) üçin we köpçüligi üçin nesihatdyr” we Allahyň sözi: “Egerde Allah üçin we Resuly üçin nesihat etseler”(Toba 91).

57- Jerir bin Abdullah aýtdy: **“Allahyň Resulyna (Sallallahu aleýhi we sellem) namazy dikeltmege, zekat bermege we ähli musulmana nesihat etmege beýgat (kasam) berdim”**

«بَايَعْتُ رَسُولَ اللَّهِ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ عَلَى إِقَامِ الصَّلاَةِ، وَإِيتَاءِ الزَّكَاةِ، وَالنُّصْحِ لِكُلِّ مُسْلِمٍ»

58- Ziýad bin Ylaka aýtdy: **“Jerir bin Abdullahdan eşitdim, (Kufanyň baştutany) Mugyra bin Şugba ölende ýerinden turdy, Allaha hamd aýtdy, Ony öwdi we aýtdy: “Şärigi bolmadyk Ýeke Allaha takwalyk etmegiňiz, salyhatly we rahatly bolmagyňyz size hökman, size (täze) emir (baştutan) gelýänçä, ol häzir geler” Soňra aýtdy: “Emiriňize (Allahdan) geçirimlik diläň, ol geçirmegi gowy görerdi” Soňra aýtdy: “Men Nebiýniň (Sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna baryp aýtdym: “Saňa Yslama girmege beýgat (kasam) berýärin” Maňa şert goýdy: “Ähli musulmana-da nesihat etmäni (beýgat ber)” Ol zada-da beýgat berdim, Şu Metjidiň Robbuna kasam bolsun, men ähli musulmana nesihat edijidirin” soňra bagyşlanma diledi we oturdy”**

زِيَادِ بْنِ عِلاَقَةَ، قَالَ: سَمِعْتُ جَرِيرَ بْنَ عَبْدِ اللَّهِ، يَقُولُ يَوْمَ مَاتَ المُغِيرَةُ بْنُ شُعْبَةَ، قَامَ فَحَمِدَ اللَّهَ وَأَثْنَى عَلَيْهِ، وَقَالَ: عَلَيْكُمْ بِاتِّقَاءِ اللَّهِ وَحْدَهُ لاَ شَرِيكَ لَهُ، وَالوَقَارِ، وَالسَّكِينَةِ، حَتَّى يَأْتِيَكُمْ أَمِيرٌ، فَإِنَّمَا يَأْتِيكُمُ الآنَ. ثُمَّ قَالَ: اسْتَعْفُوا لِأَمِيرِكُمْ، فَإِنَّهُ كَانَ يُحِبُّ العَفْوَ، ثُمَّ قَالَ: أَمَّا بَعْدُ، فَإِنِّي أَتَيْتُ النَّبِيَّ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ قُلْتُ: أُبَايِعُكَ عَلَى الإِسْلاَمِ فَشَرَطَ عَلَيَّ: «وَالنُّصْحِ لِكُلِّ مُسْلِمٍ» فَبَايَعْتُهُ عَلَى هَذَا، وَرَبِّ هَذَا المَسْجِدِ إِنِّي لَنَاصِحٌ لَكُمْ، ثُمَّ اسْتَغْفَرَ وَنَزَلَ